# Küşt — bu durmuş!

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň halky hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň, şeýle hem Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňden görüjilikli, il bähbitli alyp barýan içeri we daşary syýasatynyň ajaýyp netijelerine häzirki zamanda has hem aýdyň göz ýetirýärler. Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!», «Garaşsyzlyga guwanmak – Watany, halky söýmek bagtdyr», «Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy», «Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary» atly kitaplarynda öz beýanyny tapan ýurdumyzyň raýatlarynyň, maşgalalarynyň sagdyn, bagtly ýaşamaklary, Watanymyzyň ykdysadyýetiniň pajarlap ösmegi üçin alnyp barylýan ägirt uly işler, edilýän we ediljek ýurt bähbitli özgertmeler Watanymyzyň dünýäniň iň ösen döwletleriniň hatarynda berk ornaşýandygyna şaýatlyk edýär. Gurulýan we guruljak sport sagaldyş merkezleri, dünýä ülňülerine laýyk gelýän sport desgalary, stadionlar, medeni ojaklar, myhmanhanalar, ýaşamak üçin ähli şertler bilen üpjün edilen ýaşaýyş jaýlary, dürli pudaklar üçin ähli gerekli enjamlar bilen üpjün edilen binalar, mekdepler we çagalar baglary raýatlarymyzyň sagdyn we bagtly, ruhubelent bolmaklary barada edilýän aladadyr.

Küşt oýnunyň sportuň beýleki görnüşlerinden aýratynlygy erkekleriň we zenanlaryň ýaşyna garamazdan yzygiderli türgenleşip, ýaryşlara gatnaşyp bilmekleridir. Küşt oýnunyň akylly--paýhasly bolmaga, ruhubelentligi goldamaga ýardam etmek bilen ýatkeşligi, giň göwrümliligi, ünslüligi, eser deňligi, adamkärçilik terbiýelerini bermäge bolan kömegi bimöçber uludyr.
Küşt oýnunyň taryhy örän gadymy hasap edilýär. Birnäçe müňýyllyklar mundan ozal nirededigi we haçandygy belli bolmadyk adamlaryň oýna bolan höwesi, ymtylmasy esasynda oýny döretmek maksady bilen, ilki-ilkiler ýönekeýje tagtalary ýasapdyrlar. Onuň ýüzünde çyzyklar we öýjükler emele getirip, belli bir kada esasynda meýdança döräpdir.
Küşt oýny ilki dörände esasy maksat, garşydaşyň şasynyň «ömri» gyzyklandyrýardy. Oýun ilki uruş görnüşinde alnyp barylýardy. Esasy güýçler piller we atlar bolup durýardy. Emma soňra oýunda şasynyň uly bähbidiniň bardygy, pilleriň güýçleriniň gaçýandygy, käbir ýerlerde onuň ýokdugy, küşt oýnunyň düzgünlerine täsiri bolmagy mümkin. Emma şeýle-de bolsa başda dörän küşt oýnundaky mallar öz güýjünde, iki tarapda hem perzi, iki ruh, pyýada goşuny galdyryldy.

**Gurbansoltan SUHANLYÝEWA**

**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky**
**Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 09.01.2025